# Gözel Pöwrize

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gözel Pöwrize GÖZEL PÖWRIZE

Nesip çekip geldim seniñ goýnuña
Señ howañdan sormak hezil, Pöwrize.
Seýran kyldym çeşmeleriñ boýuna,
Göwün joşup, ýazdym gazal, Pöwrize.

Şemal degse, baglar başy yranar,
Belent gaýañ menzillerden görüner,
Gaýalañda aýrak, umga geriner,
Döwran dolanandyr, gözel Pöwrize.

Sowuk suwly çeşmäñ şildiräp akar,
Jülgeler ýylgyryp ýüzüñe bakar,
Tebigat söýgüsin ýürege dakar,
Gün-günden nurlanyp, bezel, Pöwrize!

Kim gelip içmedi bal dek suwuñy,
Irmezek mergenler atdy awuñy,
Synañda saklama ýürek toruñy,
Bolarsyñ gün-günden gözel Pöwrize.

- **Türkmen bedewi**

Mert ýigidiñ ýowuz günde ýoldaşy,
Gamlylaryñ göwün açýan syrdaşy,
Menzilleri söküp, gysgaldyp daşy,
Ady arşa çykan türkmen bedewi.

Toý bolanda uzyn guýruk işilip,
Syratyñ synlandy üýşüp-üýşülip,
Uzak-alys menzillere goşulyp,
Göreji dikdiler, türkmen bedewi.

Çolardy heññamlar, galdy armany,

Ençe ýyl ötüpdi toýnak görmäni,
Daşýürek kişiler çende durmany,
Saña kast etdiler, türkmen bedewi.

Kelläñi kesdirdi bolgusyz başlyk,
Etiñi çalşyryp, etdiler çişlik,
Döwranyñ dolandy, bedewler, buşluk,
Toýuñ tutýar iliñ, türkmen bedewi!

### ■ Türkmen halysy

Döwür döndi saña, açyldy bagtyñ,
Toýlaryñ toýlanýar, bezelýär tagtyñ,
Waspyñy ýazmaga gelendir wagtyñ,
Guwanjym, begenjim – türkmen halysy!

Dürli-dürli güller gonar gölüñe,
Bezeg berer töre, türkmen iline,
Aýdym-saza, bagşylaryñ diline
Guwanarsyñ mydam, türkmen halysy!

### ■ Garaşsyzlyk gadyryna

Goja gaýrat berdiñ, ýaşlara – medet,
Garaşsyzlyk, men başyña döneýin!
Ruhuma beren şerbet suwuñdan,
Nesip etse, içe-içe ganaýyn!

Erkinligi sen getirdiñ ilime,
Baýdagyma dakdyñ Aý bilen Ýyldyz.
Tuguñ gyrasynda türkmen halysy,
Dünýäde tanalýar, duran bir gunduz.

### ■ Arman galmaz janymda

Garaşsyzlyk – guwanjym, aýdym bilen sazymdyr,
Baky Bitaraplygym – baharymdyr ýazymdyr,
Keramatly nygmatym, akar suwum, duzumdyr,
Daglarym, gum-gollarym erkanalyk düzümdir,
Ýaşap ýörsem Watanda, arman galmaz janymda.

Ýanar oduñdan girip, külüñ bilen çykaýyn,
Jeýhun kimin joşañda, suwuñ bilen akaýyn,
Säherde oýanamda, Aý dek saña bakaýyn,
Doga edip adyñy, men boýnumdan dakaýyn,
Ile-güne ýarasam, arman galmaz janymda.

Halk, Watan, Türkmenbaşy. Bir jan bilen bir tendir,
Gijesine Aý bolsa, ýagty jahanym Gündür,
Bagt guşum – Baýdagym, Garaşsyzlyk gülümdir,
Äleme nurun saçýan Serdar bilen ilimdir,
Iýen duzum haklasam, arman galmaz janymda.

Tatar ÜÝŞMEKOW. Goşgular